# Seniñ dünýäñe

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Seniñ dünýäñe SENIÑ DÜNÝÄÑE

Ýaşyl yşyk ýaksa söýgi ýodasy,
Munça gussalardan dynyp gitmäne.
Umyt bilen uzaklardan bakýaryn,
Seniñ dünýäñe.

Ejizlän gerdene güýç berÿän umyt –
Sebäp bolÿar arzuwlary etmäne,
Ynansañ, päk söýgüm hökman ýaraşar,
Seniñ dünýäñe.

Dünýäñ sadalykdan döredilipdir,
Sada keşbiñ goýýar meni haÿrana.
Şonda-da bir zatlar ýetmeýän ýaly,
Seniñ dünýäñe.

Edep bar, päklik bar, asyllylyk bar,
Uýady bar, ýanna hem kämillik bar,
Emma bir kem zady, ýekeje ýogy,
Meniñ ýürekdäki söýgüniñ ody,
Ýetmez zat şu ýaly –
Seniñ dünýäñe.

Ýetmeziñi doldurmaga bararyn,
Eger razy bolsañ meniñ söýgüme –
Öz dünýämi soñsuza çen baglaryn,
Seniñ dünýäñe.

Isa HOJAMERDANOW. Goşgular